# Söýýärin men…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Söýýärin men… SÖÝÝÄRIN MEN…

Söýýärin şar gara daşy syzyplar,
Gyş-u, ýaz-u akyp ýatan bulagy.
Söýýän il derdine bagryn ezipler,
Ejir çeken Pyragydyr Blogy.

Asyrlañ kalbynda gan öýen derdi,
Ulus-ile ýaýan mukamy söýýän.
Sahy Jepbar ýaly beýik ägirdi,
Bu dünýäme beren mukamy söýýän.

Iliñ agysyna daglap jigerin,
Serimde meñ başyn goýan gerçekler.
Beýle ogullara başym egerin,
Başyn eger ömür boýy geljekler.

Giñ ýaýlamyñ agraslygyn söýýärin,
Gyşyn gyşlap, ýazladym men ýazlaryn.
Ýaýlalaryñ begresligin söýýärin,
Ýylaklaryñ jadylaýjy sazlaryn.

Söýýärin men ygşyldysyn maýsalañ,
Bu dünýäniñ bereketi, baýlygy.
Bu jahanda eger baky goýsalar,
Islemen Zeminden başga barlygy.

Söýýärin Durmuşy,
(Şahyr ýürek-dä,
Bu gün däli-porhan kanalym ýaly).
…Käte säwlik bolýa, olam gerek-dä,
Özümiñ kimligim tanarym ýaly.

Ylýas HOMMADOW.

# edebiyatwesungat_81 Goşgular